# TÜRKMENISTANYŇ
# K A N U N Y

## Hukuk namalary hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2017 ý., № 3, 96-njy madda)

(Türkmenistanyň 09.06.2018 ý. № 32-VI, 14.03.2020 ý. № 231-VI, 13.03.2021 ý. № 349-VI, 18.12.2021 ý. № 442-VI, 16.03.2023 ý. № 541-VI, 25.11.2023 ý. № 72-VII we 22.11.2025 ý. № 184-VII Kanunlary esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

*Şu Kanun hukuk namalaryny işläp taýýarlamagyň, hödürlemegiň, ara alyp maslahatlaşmagyň, kabul etmegiň, bellige almagyň, herekete girizmegiň, üýtgetmegiň we hukuk namalarynyň hereketini bes etmegiň we togtatmagyň, şeýle hem olary çap etmegiň tertibini kesgitleýär.*

## I bölüm. UMUMY DÜZGÜNLER

## I BAP. HUKUK NAMALARY HAKYNDA ESASY DÜZGÜNLER

### 1-nji madda. Esasy düşünjeler

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler peýdalanylýar:

1) **Döwlet belligine alnan Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň sanawy** – Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet belligine alnan, şu Kanunyň 7-nji maddasynyň ikinji böleginiň 6-8-nji bentlerinde görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döwlet belligine alnan belgisini we rekwizitlerini saklaýan ýazmaça sanaw;

2) **hukugyň analogiýasy** – düzgünleşdirilmedik jemgyýetçilik gatnaşyklaryna Türkmenistanyň kanunçylygynyň (mundan beýläk – kanunçylyk) manysynyň, hukugyň umumy ýörelgeleriniň we hukugyň anyk pudaklarynyň ýörelgeleriniň ulanylmagy;

3) **hukuk kadasy** – düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň çäklerinde kesgitlenilmedik şahslara degişli edilýän, köp gezeklik ulanylmaga niýetlenen, özüňi alyp barşyň hemişelik ýa-da wagtlaýyn häsiýetli umumy hökmany düzgüni;

4) **hukuk monitoringi** – kanunçylygyň netijeliligine baha bermek we çaklamak, ony kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak maksady bilen kanunçylygyň ýagdaýy we ony ulanmagyň tejribesi hakynda hemişe synlamagyň, maglumatlary ýygnamagyň we seljermegiň ulgamy;

5) **hukuk namasy** – kadalaşdyryjy ýa-da beýleki häkimlik ediji hukuk tabşyryklaryny özünde saklaýan, kanunçylykda bellenilen tertipde kabul edilen bellenilen görnüşli ýazmaça resmi resminama;

6) **indiwidual ulanylýan hukuk namasy** – bir gezek ýa-da wagt boýunça gaýry çäklendirilen ulanylmaga niýetlenen, kesgitli fiziki we ýuridik şahslara degişli edilýän, bellenilen görnüşli ýazmaça resmi resminama, ol kesgitli şahslaryň kanunçylykda bellenilen hukuklaryny we borçlaryny durmuşa geçirýär;

7) **kadalaşdyryjy däl hukuk namasy** – hukuk kadasyny özünde saklamaýan, ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilen, kesgitli şahslaryň kanunçylykda bellenilen hukuklaryny we borçlaryny ulanýan ýa-da durmuşa geçirýän hukuk namasy;

8) **kadalaşdyryjy hukuk namalaryň iýerarhiýasy** (mundan beýläk – iýerarhiýa) – pes ýuridik güýji bolan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýokary ýuridik güýji bolan kadalaşdyryjy hukuk namalaryna tabynlygynyň tertibi;

9) **kadalaşdyryjy hukuk namasy** – hukuk kadalaryny belleýän, olaryň hereketini üýtgedýän, togtadýan ýa-da bes edýän, sala salşykda ýa-da ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilen kagyz göterijidäki ýazmaça resmi resminama ýa-da oňa barabar bolan bellenilen görnüşli elektron resminama;

10) **kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermegiň namasy** – şu Kanunyň 57-nji we 58-nji maddalarynda görkezilen düzgünlere we şertlere laýyk gelýän, kadalaşdyryjy hukuk namasynda saklanýan kadalary düşündirýän bellenilen görnüşli ýazmaça resmi resminama;

11) **kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş berilmegi** – kadalaşdyryjy hukuk namasyna dogry, takyk we birmeňzeş düşünmek we ulanmak maksady bilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň (onuň aýry-aýry kadalarynyň) asyl manysynyň we mazmunynyň ygtyýarly edara tarapyndan takyklanmagy;

12) **kadalaşdyryjy hukuk namasynyň derejesi** – ýuridik güýjüne baglylykda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň iýerarhiýadaky orny;

13) **kadalaşdyryjy hukuk namasynyň resmi çap edilmegi** – kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hemmeleriň dykgatyna ýetirilmegi üçin döwlet dilinde resmi we döwürleýin metbugat neşirlerinde çap edilmegi, şeýle hem onuň kagyz göterijidäkä barabar bolan elektron görnüşiniň Internet torunda resmi taýdan ýerleşdirilmegi;

14) **kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýuridik güýji** – kadalaşdyryjy hukuk namasynyň degişli jemgyýetçilik gatnaşyklaryna ulanylmagynyň hökmanylygyny, şeýle hem onuň gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary babatda artykmaçlygyny ýa-da tabynlygyny kesgitleýän häsiýeti;

15) **kanunçylyk** – bellenilen tertipde kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň jemi;

16) **kanunçylyk namasy** – konstitusion kanun, kodeks, kanun we Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;

17) **kanundan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalary** – kanunçylyk namalary we iýerarhiýa boýunça ýokarda duran gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary esasynda ýa-da olary ýerine ýetirmek ýa-da mundan beýläk-de durmuşa geçirmek üçin kabul edilýän kanunçylyk namalary bolmadyk kadalaşdyryjy hukuk namalary;

18) **kanunyň analogiýasy** – düzgünleşdirilmedik jemgyýetçilik gatnaşyklaryna meňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän kanunlaryň kadalarynyň ulanylmagy;

19) **Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň nusgalyk maglumatlar toplumy** – Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döwlet hasabyna alnan we ulgamlaşdyrylan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kagyz göterijidäki jemi we bu kadalaşdyryjy hukuk namalaryň elektron resminama görnüşindäki elektron ulgamy;

20) **ygtyýarly edara** – Türkmenistanyň Konstitusiýasy (mundan beýläk - Konstitusiýa), şu Kanun, şeýle hem döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlarynyň hukuk ýagdaýyny kesgitleýän kanunçylyk tarapyndan bellenilen ygtyýarlylyklaryna laýyklykda hukuk namalaryny kabul etmäge hukugy bolan döwlet edaralary we wezipeli adamlar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

## 2-nji madda. Şu Kanunyň hereket edýän çygry

1. Şu Kanun Türkmenistanyň hukuk namalarynyň ulgamyny kesgitleýär we hukuk namalarynyň görnüşleriniň hukuk ýagdaýyny tapawutlandyrýar.

2. Şu Kanun şulary düzgünleşdirmeýär:

1) Konstitusiýany kabul etmegiň, üýtgetmegiň we onuň hereketini bes etmeginiň tertibini;

2) Geňeşiň kadalaşdyryjy çözgütlerini kabul etmegiň, üýtgetmegiň we olaryň hereketini bes etmeginiň tertibini;

3) Türkmenistanyň halkara şertnamalaryny baglaşmagyň, ýerine ýetirmegiň, üýtgetmegiň we olaryň hereketini bes etmeginiň tertibini;

4) administratiw hukuk bozulmalary hakynda, jenaýat iş ýörediş, jenaýat ýerine ýetiriş, raýat we arbitraž iş ýörediş kanunçylygy tarapyndan bellenilen indiwidual ulanylýan hukuk namalaryny kabul etmegiň, üýtgetmegiň we olaryň hereketini bes etmeginiň tertibini.

3. Administratiw namanyň, ýagny administratiw edaranyň döwlet we raýat arasyndaky hukuk gatnaşyklar çygrynda kesgitli (anyk) meseläni düzgünleşdirýän, daşky täsiri bolan we fiziki ýa-da ýuridik şahs üçin hukuk netijelere getirýän çözgütleriniň, görkezmeleriniň ýa-da gaýry häkimlik ediji çäreleriniň netijesi boýunça hukuk namasynyň ýazmaça görnüşde kabul edilmegi «Administratiw önümçilik hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda amala aşyrylýar.

## 3-nji madda. Hukuk namalaryna umumy talaplar

Hukuk namalary şu umumy talaplara laýyk gelmelidirler:

1) kadalaşdyryjy ýa-da beýleki häkimlik ediji hukuk tabşyryklaryny özünde saklamak;

2) sala salşykda ýa-da şu Kanun bilen bellenilen tertipde ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilmek;

3) kesgitlenilmedik şahslara ýa-da kesgitlenilen şahslara ýüzlenilen bolmak;

4) jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirmäge gönükdirilen bolmak;

5) hukuklaryň we borçlaryň döredilmegine, üýtgedilmegine ýa-da bes edilmegine gönükdirilen bolmak.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

## 4-nji madda. Hukuk namalarynyň görnüşleri

Hukuk namalary şu görnüşlere bölünýärler:

1) kadalaşdyryjy hukuk namalary;
2) kadalaşdyryjy däl hukuk namalary.

**5-nji madda. Kada döredijilik işiniň esasy ýörelgeleri**

Kada döredijilik işi kanunylyk, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalarynyň ileri tutulmagy, adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak, durmuş adalatlylygy, aýanlyk hem-de jemgyýetçilik pikirini hasaba almak ýörelgelerinde amala aşyrylýar.

## II BAP. TÜRKMENISTANYŇ KANUNÇYLYGY

**6-njy madda. Türkmenistanyň kanunçylyk ulgamy, onuň bitewüliginiň üpjün edilmegi**

1. Türkmenistanyň kanunçylyk ulgamyny Konstitusiýa, oňa laýyk gelýän kanunçylyk namalary we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary, şol sanda Geňeşleriň kadalaşdyryjy çözgütleri düzýärler.
2. Türkmenistanyň kanunçylyk ulgamynyň bitewüligi şular arkaly üpjün edilýär:
1) kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmegiň, olara üýtgetmeler we goşmaçalar girizmegiň kanunçylykda bellenilen tertibiniň berjaý edilmegi;
2) Konstitusiýanyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryň şu Kanun bilen berkidilen iýerarhiýasynyň berjaý edilmegi;
3) adamyň we raýatyň hukuklaryna, azatlyklaryna we borçlaryna täsir edýän kanunlaryň we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň resmi çap edilmegi.

# II bölüm. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARY

## III BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARY HAKYNDA UMUMY DÜZGÜNLER

**7-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasy we döredilen görnüşleri**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalary esasy we döredilen görnüşlerine bölünýärler.
2. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasy görnüşlerine şular degişlidirler:
1) Konstitusiýa, konstitusion kanunlar, kodeksler, kanunlar;
1[1]) Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;
2) Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;
3) Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk permanlary;
4) Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;
5) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;
6) ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk buýruklary;
7) welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň halk maslahatlarynyň (mundan beýläk

– halk maslahatlary) kadalaşdyryjy hukuk kararlary;

8) häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;

9) Geňeşleriň kadalaşdyryjy çözgütleri.

3. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilen görnüşleri olaryň esasy görnüşleriniň kömegi arkaly tassyklanýar we olar bilen ýeke-täk bitewüligi düzýär.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilen görnüşlerine şular degişlidirler:

1) düzgünnama – haýsydyr-bir döwlet edarasynyň hukuk ýagdaýyny we ygtyýarlygyny kesgitleýän we beýleki meseleleri düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namasy;

2) tehniki dessur – önümlere ýa-da olaryň ulanyş döwrüne hökmany talaplary belleýän, tehniki taýdan düzgünleşdirmek hakynda kanunçylyga laýyklykda işlenilip taýýarlanylýan we ulanylýan kadalaşdyryjy hukuk namasy;

3) düzgünler – işiň haýsydyr-bir görnüşini guramagyň we amala aşyrmagyň tertibini kesgitleýän kadalaşdyryjy hukuk namasy;

4) gözükdiriji – jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň haýsydyr-bir çygrynda kanunçylygyň ulanylmagyny jikme-jik anyklaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuk namasy.

Türkmenistanyň kanunlary bilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döredilen görnüşiniň gaýry görnüşleri hem göz öňünde tutulyp bilner.

5. Ygtyýarly edaralaryň ýerli we gurluş bölünmeleriniň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge hukugy ýokdur, muňa ýerlerde ýerine ýetiriji häkimiýeti amala aşyrýan häkimler girmeýärler.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**8-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň iýerarhiýasy**

1. Konstitusiýanyň ýokary ýuridik güýji bardyr, kanunlar we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary Konstitusiýa esasynda we oňa laýyklykda kabul edilýär.

Konstitusiýa garşy gelýän kanunlaryň we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýuridik güýji ýokdur, olar kabul edilen pursadyndan hakyky däldir we Türkmenistanyň çäginde ulanylmaýar.

2. Konstitusiýadan başga kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýuridik güýjüniň gatnaşygy şu peselýän derejelere laýyk gelýär:

1) konstitusion kanunlar;

2) kodeksler;

3) kanunlar;

$3^1$) Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;

4) Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;

5) Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk permanlary;

6) Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;

7) Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary;

8) ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk buýruklary;

9) halk maslahatlarynyň kadalaşdyryjy hukuk kararlary, häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk kararlary.

3. Aşakda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalary ýokarda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna garşy gelmeli däldir.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döredilen görnüşiniň iýerarhiýadaky orny görkezilen namany tassyklaýan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy görnüşiniň derejesi bilen kesgitlenýär.

5. Geňeşleriň kadalaşdyryjy çözgütleri kadalaşdyryjy hukuk namalaryň şu maddada bellenilen iýerarhiýasynyň daşynda ýerleşýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**9-njy madda. Konstitusion kanunlar**

1. Konstitusion kanun – Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan ýa-da ählihalk sala salşygynda kabul edilen, Türkmenistanyň konstitusion gurluşynyň esaslaryna düýpli täsir edýän kanundyr.

2. Konstitusion kanunlar beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen deňeşdirilende Konstitusiýadan soň ýokary ýuridik güýje eýedir.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky we 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**10-njy madda. Kodeksler**

1. Kodeks (kodifisirlenen kadalaşdyryjy hukuk namasy) – birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadalaryny birleşdirýän we ulgamlaşdyrýan kanundyr, ol jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň kesgitli pudagyny doly ulgamlaýyn düzgünleşdirmegi üpjün edýär.

2. Kodeksleriň beýleki kanunlar babatda ýokary ýuridik güýji bardyr, Türkmenistanyň Raýat kodeksi bolsa raýat hukugynyň kadalaryny saklaýan beýleki kodeksler we kanunlar babatda ýokary ýuridik güýje eýedir.

**11-nji madda. Kanunlar**

1. Kanun – has möhüm jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän, esas goýujy ýörelgeleri we kadalary belleýän, ählihalk sala salşygynda, Türkmenistanyň Mejlisi, Konstitusiýada göz öňünde tutulan halatlarda bolsa, Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namasydyr.

2. Şular diňe kanun bilen düzgünleşdirilýär:

1) raýatlaryň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary, olary goramagyň we üpjün etmegiň usullary;

2) kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we kazyýet häkimiýeti edaralaryny döretmegiň we olaryň işiniň tertibi;

3) Türkmenistanyň raýatlyk gatnaşyklary;

4) döwlet howpsuzlygy we goranmak bilen bagly meseleler;

5) eýeçilik gatnaşyklary;

6) ykdysadyýeti, medeni-durmuş gurluşy dolandyrmagy guramak;

7) býujet-maliýe ulgamy, nyrh emele getirme we salgyt salma;

8) jenaýat, administratiw we raýat kanunçylygynyň meseleleri;

9) kazyýet önümçiligi;

10) jemgyýetçilik birleşiklerini döretmegiň we olaryň işiniň meseleleri;

11) köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň hukuk ýagdaýy;

12) daşky gurşawy goramak bilen baglanyşykly meseleler.

Umumydöwlet ähmiýetli beýleki meseleler hem kanun arkaly düzgünleşdirilip bilner.

3. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen kanuny tassyklamak barada meselä Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan garalýar we eger ol tassyk edilmedik halatynda bu kanun Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan degişli karar kabul edilen pursadyndan ýuridik güýjüni ýitirýär.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky we 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

### $11^{1}$-nji madda. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kadalaşdyryjy hukuk kararlary

«Türkmenistanyň Halk Maslahaty hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion kanunynda göz öňünde tutulan ygtyýarlyklaryny amala aşyrmak üçin kabul edilýän Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kararlary kadalaşdyryjy hukuk namalary bolup durýar.

*(Kanuna $11^{1}$-nji maddasy 2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanuny esasynda goşulan).*

### 12-nji madda. Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilen kanunlary tassyklamagyň, şeýle hem beýleki meseleler boýunça şu Kanuna laýyklykda Türkmenistanyň Mejlisiniň maslahatlarynda kabul edilýän kararlar kadalaşdyryjy hukuk namalary bolup durýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 13-nji martyndaky we 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

### 13-nji madda. Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalary

Konstitusiýanyň, kanunlaryň we Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kararlarynyň esasynda, şeýle hem olary ýerine ýetirmek üçin umumydöwlet ähmiýetli has möhüm meseleler boýunça kabul edilýän Türkmenistanyň Prezidentiniň permanlary we kararlary kadalaşdyryjy hukuk namalary bolup durýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky we 2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

### 14-nji madda. Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary

Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kararlarynyň,

Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň esasynda, şeýle hem olary ýerine ýetirmek üçin kabul edilýän Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary kadalaşdyryjy hukuk namalary bolup durýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**15-nji madda. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk buýruklary**

Ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kararlarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň esasynda, şeýle hem olary ýerine ýetirmek üçin ygtyýarlyklarynyň çäklerinde buýruklar görnüşinde kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edýärler. Buýruklarda olaryň haýsy kadalaşdyryjy hukuk namasyny ýerine ýetirmek üçin kabul edilenligi görkezilmelidir.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**16-njy madda. Halk maslahatlary tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalary**

Halk maslahatlary Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kararlarynyň we Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň esasynda, şeýle hem olary ýerine ýetirmek üçin ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kararlar görnüşinde kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edýärler.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**17-nji madda. Häkimler tarapyndan kabul edilýän kadalaşdyryjy hukuk namalary**

Häkimler Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşmak arkaly Konstitusiýanyň, kanunlaryň, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kararlarynyň, Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlarynyň, Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlarynyň we degişli halk maslahatlarynyň kararlarynyň esasynda, şeýle hem olary ýerine ýetirmek üçin öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kararlar görnüşinde kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edýärler.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**18-nji madda. Geňeşiň kadalaşdyryjy çözgütleri**

Geňeşiň kadalaşdyryjy çözgütleri Konstitusiýa we kanunlara laýyklykda onuň ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde kabul edilýär.

**19-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň göni hereketi**

1. Eger kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň özlerinde ýa-da olary herekete girizmek hakynda namalarda başgaça bellenilmedik bolsa, ähli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň göni hereketi bardyr.

2. Herekete girizilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulanmak üçin haýsydyr-bir goşmaça görkezmeler talap edilmeýär.

3. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynyň özünde onuň haýsydyr-bir hukuk kadasynyň goşmaça kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasynda ulanylýanlygy görkezilen bolsa, onda bu kada esasy we goşmaça kadalaşdyryjy hukuk namasyna laýyklykda ulanylýar.

Goşmaça kadalaşdyryjy hukuk namasy kabul edilýänçä degişli gatnaşyklary düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namalary hereket edýärler.

4. Eger jemgyýetçilik gatnaşyklary hem umumy, hem ýörite kadalar bilen düzgünleşdirilýän bolsa, onda ýörite kadalar ulanylýar.

**20-nji madda. Dürli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hukuk kadalarynyň garşylygy**

1. Dürli derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kadalarynda garşylyklar bolanda ýokary derejeli kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kadalary hereket edýär.

2. Kanunlaryň kadalary kodeksleriň kadalary bilen çapraz gelende şol kanunlaryň kadalary diňe kodekslere degişli üýtgetmeler girizilenden soň ulanylyp bilner.

3. Deň ýuridik güýji we düzgünleşdirýän ýeke-täk jemgyýetçilik gatnaşyklary bolan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kadalarynyň arasynda garşylyk bolan halatynda has soňky wagtda herekete girizilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kadalary hereket edýär.

**21-nji madda. Kanunyň analogiýasyny we hukugyň analogiýasyny ulanmagyň tertibi**

1. Anyk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadasy ýok bolanda, kanunyň analogiýasy ýa-da hukugyň analogiýasy ulanylyp bilner.

2. Anyk jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän hukuk kadasy ýok bolanda, şu gatnaşyklar bilen meňzeş gatnaşyklary düzgünleşdirýän hukugyň kadasy, ýagny kanunyň analogiýasy ulanylýar.

3. Şu maddanyň ikinji böleginde göz öňünde tutulan halatlarda kanunyň analogiýasyny ulanmak mümkin bolmasa, hukugyň analogiýasy ulanylýar. Şunda kanunçylygyň we hukugyň anyk pudaklaryna degişli ýörelgeler, şeýle hem hukugyň umumy ýörelgeleri ulanylýar.

4. Kanunyň analogiýasyny we hukugyň analogiýasyny ulanmagyň barşynda fiziki ýa-da ýuridik şahslara täze borçlaryň bellenilmegine ýa-da olaryň hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär.

Jenaýat we administratiw hukuk bozulmalary hakynda kanunçylykda (etmişiň hukuga garşylygyny belleýän kadalar babatda) we salgyt kanunçylygynda kanunyň analogiýasynyň we hukugyň analogiýasynyň ulanylmagy gadagan edilýär.

Kanunçylygyň beýleki pudaklary tarapyndan düzgünleşdirilýän jemgyýetçilik gatnaşyklarynda kanunyň analogiýasyny we hukugyň analogiýasyny ulanmagyň aýratynlyklary degişli kanunçylyk namalary bilen kesgitlenýär.

**22-nji madda. Möhletleri hasaplamagyň tertibi**

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynda görkezilen möhletleri hasaplamak, olaryň geçip başlamagy, tamamlanmagy we uzaldylmagy Türkmenistanyň Raýat kodeksinde bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

## IV BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARYNYŇ TASLAMALARYNY TAÝÝARLAMAK WE RESMILEŞDIRMEK

**23-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamagyň meýilleşdirilmegi**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamagyň meýilleşdirilmegi Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurtdaky ýagdaý, döwletiň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlary barada her ýylky ýüzlenmeleriniň, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan tassyklanan ýurdy syýasy, ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösdürmegiň maksatnamalarynyň düzgünlerini hasaba almak bilen amala aşyrylýar.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamagyň meýilnamalary ýyllyk we has uzak möhlete düzülýän geljekki döwür üçin meýilnamalara bölünýär.

3. Kanun döredijilik işiniň geljekki döwür üçin meýilnamasy Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan onuň nobatdaky çagyrylyşynyň döwrüne kabul edilýär we has möhüm kanunlaryň, şol sanda taýýarlanmagy bir ýyldan köp bolan möhlete meýilleşdirilýän kanunlaryň işlenip taýýarlanmagyny göz öňünde tutýar.

Kanun döredijilik işiniň geljekki döwür üçin meýilnamasy Türkmenistanyň Mejlisiniň komitetleriniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň teklipleriniň esasynda düzülýär.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlamagyň geljekki döwür üçin meýilnamasy şu maddanyň üçünji böleginiň kadalaryny göz öňünde tutmak bilen işlenip düzülýär.

5. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny taýýarlamagyň geljekki döwür üçin meýilnamasyny durmuşa geçirmek maksady bilen ýyllyk meýilnamalar tassyklanýar.

6. Türkmenistanyň Prezidentiniň kabul edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamagy meýilleşdirmegiň tertibi Türkmenistanyň Prezidenti

tarapyndan kesgitlenýär.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky we 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**24-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny işläp taýýarlaýjylar**

1. Türkmenistanyň Prezidentiniň kanun çykaryjylyk başlangyjy tertibinde taýýarlanýan kanunlaryň taslamalarynyň işläp taýýarlaýjylary Türkmenistanyň Prezidentiniň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwany, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, gaýry döwlet edaralary, guramalar we raýatlar bolup bilerler.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kanun çykaryjylyk başlangyjy tertibinde taýýarlanýan kanunlaryň taslamalarynyň işläp taýýarlaýjysy Türkmenistanyň Halk Maslahatydyr.

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň kanun çykaryjylyk başlangyjy tertibinde taýýarlanýan kanunlaryň taslamalarynyň işläp taýýarlaýjylary Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary bolup durýarlar.

Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kanun çykaryjylyk başlangyjy tertibinde taýýarlanýan kanunlaryň taslamalarynyň işläp taýýarlaýjylary ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edaralarydyr.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kanun çykaryjylyk başlangyjy tertibinde taýýarlanýan kanunlaryň taslamalarynyň işläp taýýarlaýjysy Türkmenistanyň Ýokary kazyýetidir.

2. Eger kanunçylykda başgaça bellenmedik bolsa, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalary ygtyýarly edaralar tarapyndan kanunçylykda bellenilen ygtyýarlylyklaryna laýyklykda öz başlangyjy boýunça ýa-da ýokarda durýan döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň tabşyrygy boýunça işlenilip taýýarlanýar.

3. Döwlet edaralary, guramalar we raýatlar kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlamak boýunça teklipleri girizmäge ýa-da şeýle namalaryň taslamalaryny ygtyýarly edaralaryň garamagyna bermäge haklydyrlar. Ygtyýarly edaralar olary özleriniň işläp taýýarlaýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalary üçin esas hökmünde kabul edip ýa-da olaryň mundan beýläk işlenilip taýýarlanmagyny we taslamalaryň kabul edilmegini maksadalaýyk däl diýip ykrar edip bilerler.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**25-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasyny işläp taýýarlamagyň we ylalaşmagyň tertibi**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasyny işläp taýýarlamagyň tertibini ygtyýarly edara kesgitleýär. Eger kanunçylykda başgaça bellenilmedik bolsa, kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasynyň taýýarlanmagy tabynlykdaky döwlet edarasyna tabşyrylyp ýa-da şertnamalaýyn esasda hünärmenlere, şol sanda daşary ýurt hünärmenlerine sargyt edilip bilner. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň dürli taslamalarynyň taýýarlanmagyna ýol berilýär.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasyny taýýarlamaga ygtyýarly edaranyň hukuk gullugynyň işgärleriniň (hukuk maslahatçysynyň) gatnaşmagy hökmanydyr.

Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary kanunyň taslamasyny taýýarlamak boýunça işe gatnaşmaga haklydyrlar.

3. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlamaga bilimleriň dürli çygyrlaryndan hünärmenler, alymlar, ylmy edaralar we ylmy işgärler, jemgyýetçilik birleşikleriniň wekilleri çekilip, toparlar döredilip ýa-da şertnama boýunça buýurma edilip, şeýle hem bäsleşik yglan edilip bilner.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamalary birnäçe deň derejeli ygtyýarly edaralar tarapyndan bilelikde işlenip taýýarlanyp bilner. Şunda kadalaşdyryjy hukuk namasy bilelikdäki kadalaşdyryjy hukuk nama hökmünde kabul edilýär.

5. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taýýarlanan taslamasy gyzyklanýan döwlet edaralaryna we beýleki guramalara ylalaşmaga iberilýär.

6. Kanunlaryň, şeýle hem adamyň we raýatyň hukuklaryna, azatlyklaryna we borçlaryna täsir edýän kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň işlenip taýýarlanan taslamalary gyzyklanýan döwlet edaralaryna we beýleki guramalara ylalaşmaga ibermek bilen bir wagtda elektron görnüşde ygtyýarly edaranyň Internet torundaky resmi saýtynda ýerleşdirilip bilner.

7. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasy ylalaşylmaga iberilen döwlet edaralary we beýleki guramalar bir aýyň dowamynda taslama boýunça özleriniň belliklerini we tekliplerini taýýarlamalydyrlar ýa-da olaryň ýoklugy barada habar bermelidirler.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasy boýunça döwlet edarasynyň ýa-da beýleki guramanyň bellikleri kemçilikleri aradan aýyrmak boýunça teklipleri özünde saklamalydyr, esaslandyrylan, hemmetaraplaýyn, doly we gutarnykly bolmalydyr hem-de ýazmaça görnüşde hödürlenmelidir.

Gelip gowşan bellikler boýunça kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasy ony işläp taýýarlan edara tarapyndan gaýtadan işlenilýär.

8. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalary hukuk bilermenler seljermesini geçirmek üçin Türkmenistanyň Adalat ministrligine iberilýär, muňa Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary girmeýär.

9. Eger taýýarlanýan kanunçylyk namasynyň hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek üçin bir derejeli ýa-da aşakda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeleriň ýa-da goşmaçalaryň girizilmegi zerur bolsa, onda şeýle kanunçylyk namasynyň taslamasy bilen bir wagtda görkezilen üýtgetmeleri ýa-da goşmaçalary girizmek barada namalaryň taslamalary hem taýýarlanmalydyr ýa-da şeýle namany taýýarlamak barada degişli edaralara tabşyryk berilmelidir.

10. Türkmenistanyň Mejlisiniň karary bilen kanunlaryň taslamalary ählihalk ara alyp maslahatlaşylmagyna berlip bilner.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky we 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**26-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy görnüşiniň rekwizitleri**

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasy görnüşiniň şu rekwizitleri bolmalydyr:

1) Türkmenistanyň Döwlet tugrasy;

2) görnüşine görkezme;

3) kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul eden döwlet edarasynyň ady;

4) düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny aňladýan ady;

5) kabul edilen ýeri, senesi we bellige alnan belgisi;

6) gol çekmäge ygtyýarly şahsyň (şahslaryň) wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady we goly;

7) şu Kanunyň 7-nji maddasynyň ikinji böleginiň 6-8-nji bentlerinde göz öňünde tutulan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döwlet belligine alnan senesine we belgisine görkezme.

**27-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň gurluşy**

1. Hukuk kadalaryny özünde saklaýan tesim, kiçi bent, bent, bölek we madda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy gurluş bölekleridir.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň maddasynyň içinde başda boş goýulýan ýer bilen tapawutlandyrylýan hukugyň aýratyn kadasy – bölek bolup biler, ol baş harp bilen başlanýar we adatça arap sanlary bilen belgilenýär.

Maddanyň ýa-da maddanyň böleginiň ýazgysynyň many taýdan birligi bolan, birinji setirde başda boş goýulýan ýer bilen tapawutlandyrylýan bölegi tesim hasap edilýär.

Kanunçylyk namalary (Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlaryndan başga) «madda» atlary bolan maddalardan ybaratdyr, olar özüne bölegi, bendi, kiçi bendi we tesimi birikdirip bilerler. Gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary, şol sanda Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary «bölek» diýen söz bilen atlandyrmazdan böleklerden we bentlerden ybaratdyr, olar özüne degişlilikde bentleri, kiçi bentleri we tesimleri birikdirip bilerler.

2. Göwrümi uly bolan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň mazmuny boýunça ýakyn maddalary (bölekleri) baplara birleşdirilip bilner. Mazmuny boýunça ýakyn birnäçe baplar bölümlere, bölümler bolsa kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy gurluş bölegine degişli bolmadyk böleklere (mundan beýläk - esasy gurluş bölege degişli bolmadyk bölek) birleşdirilip bilner.

Göwrümi uly baplarda paragraflar tapawutlandyrylyp bilner. Bap we paragraf kadalaşdyryjy hukuk namasynda degişlilikde «bap» diýen söz we «paragraf» belgisi bilen belgilenýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň baplary (paragraflary), bölümleri we esasy gurluş bölege degişli bolmadyk bölekleri onuň esasy gurluş bölekleri bilen bilelikde kadalaşdyryjy hukuk namasynyň gurluş böleklerini emele getirýärler.

3. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň her bir maddasy (bölegi) we paragrafy arap sanlary, baplary we bölümleri bolsa rim sanlary bilen belgilenýär. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň maddalarynyň (bölekleriniň), baplarynyň we bölümleriniň belgilenmegi yzygiderlilik ýörelgesi boýunça amala aşyrylýar.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň babynda paragraflaryň, şeýle hem maddalarynda bölekleriň, böleklerinde bentleriň, bentlerinde kiçi bentleriň

belgilenmegi özbaşdaklyk ýörelgesi boýunça amala aşyrylýar.

Şunda bentleriň belgilenmegi ýaýly arap sanlary, kiçi bentleriň belgilenmegi bolsa ýaýly latyn harplary bilen türkmen elipbiýi tertibinde amala aşyrylýar.

5. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kabul edilmeginiň maksatlaryny we onuň öňünde durýan esasy wezipelerini düşündirmek zerur bolan halatlarynda hukuk kadalarynyň beýan edilmeginden öňde giriş bölegi bolup biler.

6. Kadalaşdyryjy hukuk namasynda peýdalanylýan adalgalary we düşünjeleri takyklamak zerurlygy bar bolanda onda olaryň manysyny düşündirýän madda (bölek) goýulýar. Kadalaşdyryjy hukuk namasynda adalgalar we düşünjeler döwlet dilinde türkmen elipbiýi tertibinde ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namasynyň mazmunyny açmak üçin ähmiýetliligi boýunça ýerleşdirilýär. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň terjimelerinde adalgalar we düşünjeler olaryň döwlet dilindäki beýanynyň tertibine laýyk gelmelidir.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynda peýdalanylýan adalgalar we düşünjeler birmeňzeş jemgyýetçilik gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän ýokarda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namasynda ulanylýan adalgalara we düşünjelere laýyk gelmelidir.

7. Eger degişli kadalary kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda hukuk kadasynyň manysy üçin zyýansyz beýan etmek mümkin bolmasa, kadalaşdyryjy hukuk namasynyň maddasyna ýa-da bölegine bellik goşulyp bilner.

8. Ulanmagyň oňaýly bolmagynyň maksatlaryna kadalaşdyryjy hukuk namasynda maddanyň, paragrafyň, babyň, bölümiň, şeýle hem esasy gurluş bölege degişli bolmadyk bölegiň öz ady bolup biler.

Bu talap kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek hakynda kanunçylyk namalaryň degişlilikde rim sanlary bilen belgilenilýän bölümlerine, şeýle hem arap sanlary bilen belgilenilýän böleklerine we bentlerine degişli edilmeýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy gurluş bölege degişli bolmadyk bölekleriniň, bölümleriniň, baplarynyň we paragraflarynyň atlary olaryň öňünde we soňunda ýerleşdirilýän ýazgylardan bir setirara aralyk aýrylyşdyrylýar, maddalaryň atlary bolsa olaryň öňünde ýerleşdirilýän ýazgylardan bir setirara aralyk aýrylyşdyrylyp beýan edilýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň, şeýle hem onuň maddasynyň, babynyň, paragrafynyň, bölüminiň we esasy gurluş bölege degişli bolmadyk böleginiň adynda olaryň düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklary görkezilmelidir.

9. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň gurluşyna onuň ýazgysynda görkezilen goşundylar birikdirilip bilner.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**28-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň mazmunyna we ýazgysynyň beýan edilişine talaplar**

1. Jemgyýetçilik gatnaşyklaryny döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek çygrynda döwlet edaralarynyň ygtyýarlyklary we wezipeleri döwlet dolandyryşynyň derejesi boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalarynda kanunçylyga laýyklykda anyk

tapawutlandyrylmagy bilen bellenmelidir.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysy bir şriftde çap edilen bolmalydyr.

2[1]. Kadalaşdyryjy hukuk namanyň ady onuň düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryna laýyk gelmelidir.

3. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysy edebi döwlet diliniň, ýuridik adalgalaryň kadalaryny we hukuk namalaryny resmileşdirmegiň talaplaryny berjaý etmek bilen beýan edilýär, onuň düzgünleri yzygiderli we mümkin boldugyça gysga bolmalydyr, anyk we dürli düşündirmäge degişli bolmadyk manyny saklamalydyr.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynda köne we köp manyly sözleriň, aňlatmalaryň, göçme manyly sözleriň, söz gysgaltmalarynyň ulanylmagyna, şeýle hem şol bir hukuk kadasynyň gaýtadan beýan edilmegine ýol berilmeýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döwlet dilinden beýleki dillere edilen terjimesinde oňa salgylanma bolmalydyr.

4. Kanunçylyk namasynda hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň esasy ýörelgeleri, onuň ýazgysynda peýdalanylýan esasy düşünjeler, ol güýje girenden soň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ulanmagyň tertibi we şertleri bellenip bilner.

Kanunçylyk namasynyň geçiş düzgünlerinde onuň herekete girizilmeginden öňki gatnaşyklary düzgünleşdirmegiň tertibi görkezilýär, täze hukuk kadalaryna geçmegiň möhletleri we usullary bellenýär.

Kanunçylyk namasynyň jemleýji düzgünlerinde bu namany herekete girizmek, öň kabul edilen namany güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek ýa-da ýatyrmak hakynda kadalar berkidilýär we zerur bolsa, bu namany durmuşa geçirmek maksady bilen beýleki döwlet edaralary tarapyndan namalaryň kabul edilmegi hakynda talaplar beýan edilýär.

Şu bölekde bellenilen talaplar Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlaryna degişli edilmeýär.

5. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynda tabşyryklar döwlet edaralaryna ýa-da zerur bolanda olaryň ýolbaşçylaryna salgylanylan bolmalydyr.

Tabşyryk berýän şahsa tabyn bolmadyk döwlet edaralary babatda kadalaşdyryjy hukuk namalarynda tabşyryklar maslahat beriş görnüşinde ýa-da olar bilen ylalaşylyp beýan edilmelidir. Soňky halatda kadalaşdyryjy hukuk namany kabul eden edaranyň gol çekmäge ygtyýarly şahsynyň golunyň aşagynda «ylalaşyldy» diýen belligi goýmak bilen ylalaşylan edaranyň doly ady, gol çekmäge ygtyýarly şahsyň wezipesi, familiýasy, ady, goly we ylalaşygyň senesi görkezilýär. Şunda ylalaşyk ýazgysy kadalaşdyryjy hukuk namanyň kabul edilen gününden başlap iki iş gününiň dowamynda goýulýar.

6. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda döwlet edaralarynyň we beýleki guramalaryň atlary olaryň resmi atlaryna laýyklykda doly we birmeňzeş beýan edilýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynyň ýönekeýligini we gysgalygyny üpjün etmek üçin kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynyň özünde gysgaltmalaryň ähmiýetini açyp görkezmek bilen döwlet edaralarynyň we beýleki guramalaryň atlarynyň gysgaldylmagyna ýol berilýär.

Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda sözleriň topary tarapyndan aňladylýan ol ýa-da gaýry düşünje birnäçe gezek ulanylýan bolsa, onda bu düşünje

birinji gezek peýdalanylanda ol dolulygyna berilýär, şunda onuň soňraky aňladylmagynyň gysgaltmasy (şertli belgilenmesi) ýaýda görkezilýär.

7. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýazgysynda tesimleriň kese çyzyk ýa-da gaýry nyşanlar bilen aňladylmagyna, aýry-aýry sözleriň we söz düzümleriniň tapawutlandyrylmagyna we aşagynyň çyzylmagyna ýol berilmeýär.

8. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döredilen görnüşiniň birinji sahypasynyň ýokarky sag burçunda ony tassyklaýan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy görnüşine, onuň kabul edilen senesine we bellige alnan belgisine salgylanma beýan edilmelidir.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

## 29-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynda salgylanmalar we gaýtadan beýan etmeler

1. Zerur bolanda kadalaşdyryjy hukuk namalarynda ýokarda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna, olaryň gurluş böleklerine salgylanmalar getirilip, şeýle hem ýokarda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna salgylanmak bilen şeýle namalardan aýry-aýry hukuk kadalary gaýtadan beýan edilip bilner.

2. Hukuk kadalarynyň özara baglanyşygyny görkezmek ýa-da gaýtalamalardan gaça durmak zerur bolanda, kadalaşdyryjy hukuk namasynyň gurluş böleginde onuň beýleki gurluş böleklerine salgylanmalara ýol berilýär.

3. Sözlemlere salgylanylanda olaryň belgilenmegi tertip sanlary bilen ýazmaça aňladylýar.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda esasy gurluş bölegine salgylanma: bölege we tesime olaryň tertip belgisini ýazmaça, madda, bende we kiçi bende bolsa olaryň tertip belgisini degişlilikde sanlar ýa-da harplar bilen görkezmek arkaly getirilýär.

Baplara (paragraflara), bölümlere salgylanmalar olaryň tertip belgisinde belgilenen sanlaryny görkezmek bilen, esasy gurluş bölegine degişli bolmadyk böleklere salgylanmalar bolsa olaryň atlaryny doly getirmek bilen amala aşyrylýar.

Salgylanmalaryň aňladylmagy üçin sypatlaryň ulanylmagyna ýol berilmeýär.

5. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna salgylanylanda onuň ady, kabul edilen senesi, bellige alnan belgisi we görnüşi görkezilýär.

Döwlet belligine alnan kadalaşdyryjy hukuk namasyna salgylanylanda onuň Döwlet belligine alnan Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň sanawynda bellige alnanlygy barada maglumatlar (bellige alnan senesi we san belgisi) goşmaça görkezilýär.

Kanunçylyk namalaryna (Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlaryndan başga) salgylanylanda olaryň haýsy belgi bilen bellige alnanlygyny görkezmek talap edilmeýär.

6. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda şol bir kadalaşdyryjy hukuk namasyna yzygiderli iki we şondan köp salgylanmalar getirilýän bolsa, onda oňa soňra salgylanmak bilen bu kadalaşdyryjy hukuk namasynyň doly ady bir gezek (ýazgyda birinji gezek ýatlananda) görkezilýär.

7. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynda goşundylara salgylanmalar bar bolsa,

goşundylaryň kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda ýatlanyş tertibinde dakylýan olaryň belgileri görkezilýär, muňa kadalaşdyryjy hukuk namasynda bir goşundynyň bolan halaty girmeýär.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

**30-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek hakynda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň resmileşdirilmegi**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namasyny üýtgetmek ýa-da oňa goşmaçalar girizmek görnüşi we ýuridik güýji boýunça edil şeýle kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul etmek arkaly amala aşyrylýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namasyna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilende üýtgetmeleriň manysy beýan edilýär ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namasynyň degişli maddasynyň, böleginiň, bendiniň täze mazmuny görkezilýär.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmegi göz öňünde tutýan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň adynda ol namanyň görnüşine, kabul edilen senesine, bellige alnan belgisine we adyna salgylanma bolmalydyr, muňa kanunçylyk namalary girmeýär.

Kanunçylyk namalarynyň birine üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmegi göz öňünde tutýan kanunçylyk namalarynyň adynda onuň görnüşine we adyna salgylanma bolmalydyr.

Eger kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilýän bolsa, onda bu barada kadalaşdyryjy hukuk namasynyň adynda görkezilýär.

Eger kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döredilen görnüşine üýtgetme ýa-da goşmaça girizilýän bolsa, onda onuň adynda kadalaşdyryjy hukuk namanyň döredilen görnüşiniň adynyň, şeýle hem ony tassyklan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy görnüşiniň kabul edilen senesiniň, belgisiniň we görnüşiniň görkezilmegi zerurdyr.

3. Kanunçylyk namasyna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek hakynda kanunçylyk namasynyň ýazgysynda görkezilen kanunçylyk namalarynyň kabul edilen senesi (Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararynyň ýazgysynda bolsa bellige alnan belgisi hem), görnüşi, ady, şeýle hem ýaýyň içinde – olaryň ilkinji gezek çap edilen resmi neşiriniň ady, ýyly, belgisi we maddasy, olara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilen halatynda bolsa – degişli kanunçylyk namalarynyň şu Kanuna laýyklykda resmi neşirde çap edilen ýyly, belgisi we maddasy görkezilýär.

Kanunçylyk namalaryndan beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek hakynda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ady, kabul edilen senesi, bellige alnan belgisi, görnüşi, şeýle hem ýaýyň içinde – olaryň, eger kadalaşdyryjy hukuk namasy resmi çap edilmäge degişli bolan bolsa, şu Kanuna laýyklykda ilkinji gezek çap edilen resmi neşiriniň ady, ýyly, belgisi we maddasy görkezilýär.

Döwlet belligine alnan kadalaşdyryjy hukuk namasyna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek hakynda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda onuň

Döwlet belligine alnan Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň sanawynda haýsy belgi bilen bellige alnanlygy goşmaça görkezilýär.

4. Üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek hakynda kadalaşdyryjy hukuk namasy kabul edilip, onuň bilen hukuk kadasyna üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilen, ýöne ol herekete girizilmedik halatynda, şeýle üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek hakynda kadalaşdyryjy hukuk namasyna girizilýär.

5. Üç we şondan köp kadalaşdyryjy hukuk namalary üýtgedilende ýa-da olara goşmaçalar girizilende aýratyn goşundy bilen resmileşdirilýän sanaw düzülýär.

Görkezilen talap kanunçylyk namalaryna degişli edilmeýär.

6. Şol bir kadalaşdyryjy hukuk namasyna girizilýän ähli üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar bir bölekde ýa-da bentde göz öňünde tutulýar. Üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilýän kadalaşdyryjy hukuk namalary olaryň ýuridik güýjüniň gatnaşygyna baglylykda (kanunçylyk namalary babatda), şeýle hem olaryň kabul edilen senesi boýunça wagt yzygiderliligi tertibinde ýerleşdirilýär.

Şol bir senede kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalary olaryň bellige alnan belgilerine ýa-da çap edilen resmi çeşmelerindäki maddalaryň belgilerine laýyklykda görkezilýär.

7. Täze gurluş bölekleri, şeýle hem goşundylar kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysyna şol görnüşli gurluş böleginiň soňundan soňky tertip belgileri bilen ýa-da olaryň arasynda goşulýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namasyna goşundy goşulýan halatynda, onuň ýazgysyna kadalaşdyryjy hukuk namasyna goşundynyň ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döredilen görnüşiniň goşulýanlygy hakynda kada girizilýär.

8. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna onuň ýazgysynyň göwrüminiň ýarysyndan geçýän üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizilende onuň rejelenen görnüşi kabul edilýär, ol bolsa öň hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namanyň hereketiniň bes edilmegine eltýär.

Kanunlaryň taslamalary rejelenen görnüşde resmileşdirilende madda, gaýry kadalaşdyryjy hukuk namasy rejelenen görnüşde resmileşdirilende bolsa bölek, bent göwrümi kesgitlemegiň birligi bolup durýar.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

**31-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek ýa-da ýatyrmak hakynda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň resmileşdirilmegi**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namasyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek ýa-da ýatyrmak görnüşi we ýuridik güýji boýunça edil şeýle kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul etmek arkaly amala aşyrylýar.

2. Eger kadalaşdyryjy hukuk namalary ýa-da olaryň gurluş bölekleri täze kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namasyna garşy gelýän ýa-da ol tarapyndan gurşalyp alynýan bolsa, olar güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişlidirler.

3. Ýokarda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namasy güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilende, ony durmuşa geçirmek üçin kabul edilen aşakda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalary hem güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilmäge degişlidir.

Şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen talap ýokarda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namasyndan aýrylýan aýry-aýry hukuk kadalaryny durmuşa geçirmek üçin kabul edilen aşakda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna hem degişli edilýär.

4. Kanunçylyk namalaryny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda kanunçylyk namasynyň ýazgysynda görkezilen kanunçylyk namalarynyň kabul edilen senesi (Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararynyň ýazgysynda bolsa bellige alnan belgisi hem), görnüşi, ady, şeýle hem ýaýyň içinde – olaryň ilkinji gezek çap edilen resmi neşiriniň ady, ýyly, belgisi we maddasy görkezilýär.

Kanunçylyk namalaryndan beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ady, kabul edilen senesi, bellige alnan belgisi, görnüşi, şeýle hem ýaýyň içinde – olaryň, eger kadalaşdyryjy hukuk namasy resmi çap edilmäge degişli bolan bolsa, şu Kanuna laýyklykda ilkinji gezek çap edilen resmi neşiriniň ady, ýyly, belgisi we maddasy görkezilýär.

Döwlet belligine alnan kadalaşdyryjy hukuk namasyny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynda onuň Döwlet belligine alnan Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň sanawynda haýsy belgi bilen bellige alnanlygy goşmaça görkezilýär.

5. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kabul edilmegi bilen güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ýa-da olaryň gurluş bölekleriniň sanawy kadalaşdyryjy hukuk namasynyň özünde ýa-da ony herekete girizmegiň tertibi hakynda namada görkezilmelidir.

6. Birnäçe kadalaşdyryjy hukuk namalary ýa-da olaryň gurluş bölekleri güýjüni ýitiren diýip ykrar edilende aýratyn goşundy bilen resmileşdirilýän sanaw düzülip bilner.

Sanawda güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary olaryň ýuridik güýjüniň gatnaşygyna baglylykda (kanunçylyk namalary babatda), şeýle hem olaryň kabul edilen senesi boýunça wagt yzygiderliligi tertibinde ýerleşdirilýär.

7. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň gurluş bölekleri güýjüni ýitiren diýip ykrar edilende şeýle bölekler aýrylýar, ýöne olaryň belgileri saklanyp galynýar. Saklanyp galynan belgä kadalaşdyryjy hukuk namasyny (ýa-da onuň gurluş bölegini) güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek hakynda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kabul edilen senesi, belgisi, görnüşi, şeýle hem çap edilen resmi neşiriniň ady, ýyly, belgisi we maddasy goşulýar. Saklanyp galynýan gurluş bölekleriň belgileri üýtgedilmeýär.

8. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň göwrümi boýunça uly bölegi güýjüni ýitiren diýip ykrar edilýän bolsa, güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek üçin sanawa öz ýuridik güýjüni saklaýan gurluş bölekleri hakynda bellik edilip, tutuş kadalaşdyryjy hukuk namasy goşulýar.

Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň göwrümi boýunça kiçi bölegi güýjüni ýitiren diýip ykrar edilýän bolsa, güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek üçin sanawa diňe güýjüni ýitiren diýip ykrar etmäge degişli gurluş bölekleri goşulýar.

Şu halatlarda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň göwrümi şu Kanunyň 30-njy maddasynyň sekizinji bölegine laýyklykda kesgitlenýär.

9. Beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hukuk kadalaryny gaýtalaýan we täze hukuk kadalaryny saklamaýan kadalaşdyryjy hukuk namalary güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişlidirler.

10. Esasy kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen birlikde oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen kadalaşdyryjy hukuk namalary (ýa-da olaryň gurluş bölekleri) güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişlidirler. Güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişli kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýa-da onuň gurluş böleginiň beýany birnäçe gezek üýtgedilen halatynda, sanawa esasy kadalaşdyryjy hukuk namasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen ähli kadalaşdyryjy hukuk namalary özbaşdak bent görnüşinde goşulýar.

11. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasy bilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek göz öňünde tutulan beýleki kadalaşdyryjy hukuk namasy ýa-da onuň gurluş bölegi güýjüni ýitiren diýip ykrar edilýän bolsa, onda şu halatda öň güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilenler öz hereketini dikeltmeýär.

12. Güýje girmedik, şeýle hem hereket etmek möhleti geçen kadalaşdyryjy hukuk namalary we olaryň gurluş bölekleri güýjüni ýitiren diýip ykrar edilip bilinmez. Zerur bolanda şeýle kadalaşdyryjy hukuk namalary we olaryň gurluş bölekleri ýatyrylyp bilner.

Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynda hereket etmek möhleti geçen hukuk kadalary bilen birlikde güýjüni ýitiren diýip ykrar etmäge degişli hukuk kadalary hem saklanýan bolsa, onda şu halatda sanawa tutuş kadalaşdyryjy hukuk namasy goşulýar.

13. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasy güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişli goşundy babatda görkezmäni saklaýan bolsa, onda şu halatda sanawa diňe bu kadalaşdyryjy hukuk namasynyň gurluş bölegi goşulýar, goşundy barada aýratyn bellik edilmeýär.

Eger kadalaşdyryjy hukuk namasy goşundyny tassyklamak bilen birlikde öz hereketini saklap galýan hukuk kadasyny saklaýan, goşundy bolsa güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişli bolsa, onda şu halatda sanawa goşunda degişli esasy gurluş bölegi goşulýar, goşundy aýratyn bellik edilmeýär.

14. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynyň aýry-aýry gurluş bölekleri doly, beýlekileri bölekleýin güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişli bolsa, onda doly güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmäge degişli bolan gurluş bölekleri başda görkezilýär.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

**32-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryna goşundylaryň resmileşdirilmegi**

1. Goşundylar kadalaşdyryjy hukuk namasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar we olar onuň esasy gurluş bölegi bilen tassyklanýar.

2. Zerur bolan halatynda kadalaşdyryjy hukuk namasyna tablisalar, çyzgylar, kartalar, sanawlar we beýleki kömekçi resminamalar aýratyn goşundylar bilen resmileşdirilýär.

3. Goşundynyň birinji sahypasynyň ýokarky sag burçunda onuň tassyklanan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň görnüşine, namanyň kabul edilen senesine we onuň

bellige alnan belgisine görkezme bolmalydyr.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna birnäçe goşundy bar bolan halatynda, her bir goşundynyň birinji sahypasynyň ýokarky sag burçunda onuň tertip belgisi, şeýle hem onuň tassyklanan kadalaşdyryjy hukuk namasynyň görnüşi, namanyň kabul edilen senesi we onuň bellige alnan belgisi görkezilýär. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasyna goşundy bir bolsa, onda ol belgilenmeýär.

5. Gizlinlik ýa-da «Gullukda peýdalanmak üçin» diýen belligi bolan kadalaşdyryjy hukuk namalaryna goşundylaryň resmileşdirilmegi şu madda we kanunçylygyň talaplaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

**33-nji madda. Kanunçylyk namasynyň taslamasynyň Türkmenistanyň Mejlisine girizilmegi, oňa garalmagy we yzyna alynmagy**

1. Kanunçylyk namalarynyň taslamalary kanun çykaryjylyk başlangyjyna bolan hukugy degişli edilen edaralar we şahslar tarapyndan Türkmenistanyň Mejlisine döwlet dilinde kagyz we elektron göterijilerde girizilýär.

2. Türkmenistanyň Mejlisine hödürlenýän kanunçylyk namasynyň taslamasyna şular goşulýar:

1) maksatlaryna, wezipelerine, esasy düzgünlerine giňişleýin häsiýetnama berlip, taslamany kabul etmegiň zerurlygyny esaslandyrmak bilen kanunçylyk namasyna düşündirişli ýazgy;

2) taslamanyň gyzyklanýan döwlet edaralary bilen ylalaşylanlygy barada resminama, muňa kanunyň taslamasynyň kanun çykaryjylyk başlangyjy tertibinde Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary tarapyndan girizilen halatlary girmeýär;

3) şu Kanunyň 34-nji maddasyna laýyklykda bilermenler seljermesiniň netijenamasy;

4) eger kanunyň taslamasy döwlet girdejileriniň azalmagyny ýa-da döwlet çykdajylarynyň artmagyny göz öňünde tutýan bolsa, maliýe-ykdysady hasaplamalar, şeýle hem statistik maglumatlar, kanunyň hereketiniň netijesinde mümkin bolan ykdysady, durmuş, ýuridik we ekologik çaklamalar.

Kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda kanunlaryň taslamalary bilen girizilýän üýtgetmeleriň ýa-da goşmaçalaryň degişli esaslandyrmasy, kanunçylyk namasynyň hereket edýän we teklip edilýän beýanlarynyň deňeşdirme tablisasy berilýär.

3. Döwlet girdejileriniň azalmagyny ýa-da döwlet çykdajylarynyň artmagyny göz öňünde tutýan kanunlaryň taslamalary diňe Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň oňyn netijenamasy bar bolanda girizilip bilner.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kanun çykaryjylyk başlangyjy tertibinde Türkmenistanyň Mejlisine girizilýän kanunlaryň taslamalary üçin şeýle netijenama talap edilmeýär.

4. Kanunlaryň taslamalaryna Türkmenistanyň Mejlisinde garamagyň barşynda olaryň mazmunyny düýpli üýtgedýän üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen halatynda bu barada kanunyň taslamasyny hödürlän kanun çykaryjylyk başlangyjynyň subýekti bilen ylalaşylýar.

5. Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Halk Maslahaty, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlary, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti we Türkmenistanyň Ýokary kazyýeti kanun çykaryjylyk başlangyjy tertibinde Türkmenistanyň Mejlisine girizen kanunynyň taslamasyny oňa garalmagynyň islendik tapgyrynda yzyna almaga haklydyrlar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

## V BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARYNYŇ TASLAMALARYNYŇ BILERMENLER SELJERMESI

### 34-nji madda. Bilermenler seljermesiniň wezipeleri

1. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasyna bilermenler seljermesini geçirmek hakynda çözgüt ygtyýarly edara tarapyndan kabul edilip bilner.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasynyň şertnamalaýyn esasda taýýarlanýan halatlarynda, taslamanyň bilermenler seljermesi taslamany sargyt edijiniň çözgüdi boýunça geçirilip bilner.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düzgünleşdirýän hukuk gatnaşyklaryna baglylykda olaryň taslamalary boýunça kanunçylykda bellenilen tertipde bilermenler seljermesi (hukuk bilermenler seljermesinden başga) geçirilip bilner.

3. Bilermenler seljermesi şular üçin geçirilýär:

1) taslamanyň hiline, esaslylygyna, öz wagtyndalygyna, hukuga laýyklygyna, taslamada adamyň we raýatyň Konstitusiýada berkidilen hukuklarynyň berjaý edilmegine baha bermek;

2) kadalaşdyryjy hukuk namasynyň mümkin bolan netijeliligini kesgitlemek;

3) taslamanyň kadalaşdyryjy hukuk namasy hökmünde kabul edilmeginiň mümkin bolan ýaramaz netijelerini ýüze çykarmak.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalarynyň korrupsiýa garşy bilermenler seljermesiniň esasy wezipeleri şular bolup durýar:

1) hukuk taýdan düzgünleşdirmegiň korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalary etmäge ýardam edýän kadalaryny we säwliklerini ýüze çykarmak;

2) taslamany kabul etmegiň netijelerine korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalary etmäge şertler döredilmeginiň mümkinçiligi böleginde baha bermek;

3) taslamanyň korrupsiýa bilen bagly hukuk bozulmalary etmäge päsgel berýän kadalaryny maslahatlar görnüşinde işläp taýýarlamak.

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalarynyň korrupsiýa garşy bilermenler seljermesi Türkmenistanyň adalat edaralary, Türkmenistanyň prokuratura edaralary, beýleki ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralary, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary we olaryň wezipeli adamlary tarapyndan Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän tertipde geçirilýär.

5. Kabul edilmeginiň netijesinde ekologiýa howpsuzlygyna, daşky gurşawy goramaga wehim döredip biljek kanunçylyk we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalary hökmany ekologiýa seljermesine degişlidir.

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalarynyň ekologiýa seljermesi

ekologiýa seljermesi babatda ygtyýarlandyrylan edara tarapyndan bellenilen tertipde geçirilýär.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

**35-nji madda. Bilermenler seljermesini amala aşyrýan şahslar**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň taslamalarynyň bilermenler seljermesi garalýan taslamanyň mazmunyna baglylykda degişli ugurly ylmy edaralar we ýokary hünär bilimi edaralary, alymlaryň we hünärmenleriň arasyndan çekilýän bilermenler tarapyndan geçirilýär. Bilermenler seljermesini geçirmek bir ýa-da birnäçe bilermenlere (bilermenler toparyna) tabşyrylyp bilner.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasy boýunça dürli hünärli bilermenler tarapyndan toplumlaýyn bilermenler seljermesi ýa-da dürli görnüşli özbaşdak bilermenler seljermeleri, zerur bolanda bolsa – gaýtadan bilermenler seljermesi geçirilip bilner.

3. Bilermenler hökmünde kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasyny taýýarlamaga gös-göni gatnaşmadyk şahslar çekilýärler.

4. Bilermenler hökmünde beýleki döwletlerden we halkara guramalaryndan hünärmenler çekilip bilner.

Bilermenler seljermesini geçirmek üçin kadalaşdyryjy hukuk namasynyň taslamasy daşary ýurt we halkara guramalaryna iberilip bilner.

## VI BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMASYNY KABUL ETMEGIŇ TERTIBI

**36-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmegiň tertibiniň kesgitlenmegi**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmegiň tertibi Konstitusiýa, şu Kanun we ygtyýarly edaralaryň hukuk ýagdaýyny we ygtyýarlyklaryny kesgitleýän kanunçylyk ýa-da Türkmenistanyň Prezidentiniň namalary bilen bellenýär.

2. Kodeksler kanunlar bilen tassyklanýar, olara üýtgetmeler we goşmaçalar hem kanunlary kabul etmek arkaly girizilýär.

3. Ygtyýarly edaranyň kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul etmäge ygtyýarlylygy onuň hukuk ýagdaýyny we ygtyýarlyklaryny kesgitleýän hem-de onuň işi bilen bagly meseleleri düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy hukuk namasyna, şeýle hem beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen ygtyýarlyklaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

**37-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryna gol çekmäge ygtyýarly adamlar**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň resmi ýazgylaryna şu wezipeli adamlar tarapyndan gol çekilýär:

1) Konstitusiýa, konstitusion kanunlar, kanunlar, Türkmenistanyň Prezidentiniň

permanlary, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kararlary – Türkmenistanyň Prezidenti;

1[1]) Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kararlary - Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy;

2) Türkmenistanyň Mejlisiniň kararlary – Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy;

3) halk maslahatynyň kararlary – halk maslahatynyň başlygy;

4) häkimiň kararlary – häkim;

5) gaýry kadalaşdyryjy hukuk namasy – ony kabul eden ygtyýarly edaranyň ýolbaşçysy.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy görnüşi bilen onuň döredilen görnüşi kabul edilende kadalaşdyryjy hukuk namasynyň diňe esasy görnüşine gol çekilýär. Şunda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döredilen görnüşi kadalaşdyryjy hukuk namasynyň esasy görnüşine goşulýar.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**38-nji madda. Kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalary babatda hukuk oruntutarlyk**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge hukugy bolan ygtyýarly edara üýtgedilip guralan halatynda, hukuk oruntutaryna onuň ygtyýarlylygynyň çäklerinde kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge hukuk bilen bilelikde kadalaşdyryjy hukuk namalaryny üýtgetmek we güýjüni ýitiren diýlip ykrar etmek (ýatyrmak), şeýle hem olaryň hereketini togtatmak ýa-da bes etmek boýunça ygtyýarlyklar hem geçýär.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul etmäge hukugy bolan ygtyýarly edara ýatyrylan halatynda onuň kadalaşdyryjy hukuk namalary Konstitusiýa we kanunlara garşy gelmeýänligine görä hereket edýärler ýa-da olar ygtyýarly edarany ýatyrmak hakynda çözgüt kabul eden wezipeli adam ýa-da edara, ýa-da hukuk mirasdüşerleri, ýa-da ýokarda duryan wezipeli adam, ýa-da edara tarapyndan üýtgedilip ýa-da güýjüni ýitiren diýlip ykrar edilip (ýatyrylyp), şeýle hem olaryň hereketi togtadylyp ýa-da bes edilip bilner.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

## VII BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARYNY ÇAP ETMEK

**39-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasyny resmi çap etmegiň hökmanylygy**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalary hemmeleriň dykgatyna ýetirmek üçin çap edilýär ýa-da başga usul bilen yglan edilýär, döwlet ýa-da kanun arkaly goralýan gaýry syrlary özünde saklaýan kadalaşdyryjy hukuk namalary muňa girmeýär.

«Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary», «Türkmenistanyň Prezidentiniň namalarynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň çözgütleriniň Ýygyndysy» resmi neşirlerdir.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň resmi çap edilmegi «Türkmenistan» gazeti,

şeýle hem kanunçylykda kesgitlenýän tertipde beýleki döwürleýin metbugat neşirleri tarapyndan amala aşyrylýar. Şeýle hem, bu namalaryň çap edilmegi elektron görnüşde degişli ygtyýarly edaranyň Internet torundaky resmi saýtynda amala aşyrylyp bilner.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň resmi çap edilmegi elektron görnüşde Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň nusgalyk maglumatlar toplumynda hem amala aşyrylýar.

Ikinji bölegiň üçünji tesimi Türkmenistanyň 18.12.2021 ý. № 442-VI Kanuny esasynda aýyrylan.

Şu Kanunyň 7-nji maddasynyň ikinji böleginiň 6-8-nji bentlerinde görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namalaryny resmi çap etmek olar döwlet belligine alnandan soňra, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan elektron görnüşde Ministrligiň Internet torundaky resmi saýtynda amala aşyrylýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň resmi çap edilmegi olaryň radio, telewideniýe boýunça we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly yglan edilmegini aradan aýyrmaýar.

Halk maslahatlarynyň, häkimleriň we Geňeşleriň kadalaşdyryjy hukuk namalary ýerli metbugatda çap edilýär ýa-da başga tertipde yglan edilýär.

3. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň resmi çap edilmegi döwlet dilinde amala aşyrylmalydyr.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň nusgalyk maglumatlar toplumyndaky nusgalaryna laýyklygyna bilermenler seljermesi geçirilenden soň olaryň metbugat neşirinde soňraky resmi çap edilmegi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýän tertipde amala aşyrylýar.

5. Hukuk ulanyş tejribesinde kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň resmi çap edilen nusgalary peýdalanylmalydyr.

6. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň resmi däl çap edilmegine diňe olar resmi çap edileninden soň ýol berilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2020-nji ýylyň 14-nji martyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**40-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň doly bolmadyk beýanda çap edilmeginiň ýol berilmezligi**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň doly bolmadyk beýanda çap edilmegine ýol berilmeýär, muňa döwlet ýa-da kanun arkaly goralýan gaýry syrlary özünde saklaýan kadalaşdyryjy hukuk namalary girmeýär.

2. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynyň uly göwrümi sebäpli onuň ýazgysy döwürleýin metbugat neşiriniň birnäçe sanlarynda çap edilýän bolsa, kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýazgysynyň jemleýji böleginiň döwlet dilinde çap edilen güni onuň resmi çap edilen güni diýlip hasap edilýär.

**41-nji madda. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk**

**namalarynyň resmi çap edilmegine gözegçilik**

Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, şeýle hem halk maslahatlarynyň we häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň resmi çap edilmegine gözegçiligi Türkmenistanyň Adalat ministrligi we onuň ýerli edaralary amala aşyrýarlar.

## VIII BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARYNYŇ WAGT, GIŇIŞLIK WE ŞAHSLAR BOÝUNÇA HEREKETI

### 42-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň güýje girýän we herekete girizilýän wagty

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalary olara gol çekilen pursadyndan güýje girýär, muňa şu bölegiň ikinji tesiminde görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namalary girmeýär.

Şu Kanunyň 44-nji maddasyna laýyklykda döwlet belligine alynmaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary döwlet belligine alnan gününden güýje girýär.

2. Adamyň we raýatyň hukuklaryna, azatlyklaryna we borçlaryna täsir edýän kadalaşdyryjy hukuk namalaryny herekete girizmegiň we ulanmagyň hökmany şerti olaryň resmi çap edilmegi bolup durýar.

3. Kadalaşdyryjy hukuk namalary şu möhletlerde herekete girizilýär:

1) Konstitusiýa – eger ony herekete girizmegiň tertibi hakynda konstitusion kanunda gaýry möhlet bellenmedik bolsa, onuň resmi çap edilen gününden soň on senenama gününiň geçmegi boýunça;

2) konstitusion kanunlar, kodeksler, kanunlar, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň kadalaşdyryjy hukuk kararlary, Türkmenistanyň Mejlisiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary – eger olaryň özlerinde ýa-da olary herekete girizmegiň tertibi hakynda kanunçylyk namalarynda olary herekete girizmegiň gaýry möhleti ýa-da tertibi bellenmedik bolsa, olaryň resmi çap edilen gününden soň on senenama gününiň geçmegi boýunça;

3) Türkmenistanyň Prezidentiniň kadalaşdyryjy hukuk permanlary we kararlary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň kadalaşdyryjy hukuk kararlary – eger olaryň özlerinde olary herekete girizmegiň gaýry möhleti bellenmedik bolsa, olaryň resmi çap edilen ýa-da kanunda göz öňünde tutulan gaýry usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirilen gününden;

4) Geňeşleriň kadalaşdyryjy çözgütleri – eger olaryň özlerinde olary herekete girizmegiň gaýry möhletleri bellenmedik bolsa, olaryň resmi çap edilen ýa-da başga tertipde yglan edilen gününden;

5) ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk buýruklary, halk maslahatlarynyň kadalaşdyryjy hukuk kararlary, häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk kararlary – eger olaryň özlerinde olary herekete girizmegiň gaýry möhleti bellenmedik bolsa, olaryň resmi çap edilen ýa-da kanunda göz öňünde tutulan gaýry usul bilen hemmeleriň dykgatyna ýetirilen gününden.

4. Ählihalk sala salşygynda kabul edilen konstitusion kanunlar, kanunlar Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar

tarapyndan ses bermegiň netijeleri takyklanandan soň güýje girizilmäge we yglan edilmäge degişlidir.

5. Kadalaşdyryjy hukuk namasynda ýa-da ony herekete girizmek hakynda namada tutuş kadalaşdyryjy hukuk namasyny herekete girizmek üçin bellenilen möhletden başga onuň aýry-aýry bölümlerini, baplaryny, paragraflaryny, maddalaryny, böleklerini, bentlerini, kiçi bentlerini we tesimlerini herekete girizmegiň möhletleri görkezilip bilner.

6. Öň jogapkärçilige eltmeýän hereket (hereketsizlik) üçin jogapkärçilik göz öňünde tutulýan ýa-da öňki hereket eden bilen deňeşdireniňde berk jogapkärçiligi belleýän kadalaşdyryjy hukuk namasy resmi taýdan çap edileninden soň on gün möhletiň geçmegine çenli herekete girizilip bilinmez.

7. Işiň aýry-aýry görnüşlerine bildirilýän hünär derejesine talaplar we hünär derejesiniň talaplaryna laýyklygyny tassyklaýan resminamalaryň sanawy, şeýle hem eksporty we importy ygtyýarlylandyrylmaga degişli edilýän aýry-aýry harytlaryň sanawlary tassyklanýan kadalaşdyryjy hukuk namalary resmi taýdan çap edileninden soň otuz gün möhletiň geçmegine çenli herekete girizilip bilinmez.

8. Döwlet ýa-da kanun arkaly goralýan gaýry syrlary özünde saklaýan kadalaşdyryjy hukuk namalary olaryň kabul edilen gününden ýa-da namanyň özünde görkezilen möhletlerde herekete girizilýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky, 2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky, 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky we 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

### 43-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň yzyna täsir ediş güýji

1. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hereketi onuň herekete girizilmeginden öň dörän gatnaşyklara degişli edilmeýär.

2. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýa-da onuň böleginiň yzyna täsir ediş güýji onuň özünde ýa-da kadalaşdyryjy hukuk namasyny herekete girizmek hakynda namada göz öňünde tutulan bolsa, şeýle hem kadalaşdyryjy hukuk namasy hukuk bozulmasy üçin öň göz öňünde tutulan jogapkärçiligi aradan aýyrýan ýa-da ýeňilleşdirýän, raýatlara ýüklenilen borçlary aýyrýan ýa-da olaryň ýagdaýyny başga hili gowulandyrýan bolsa, onda şeýle halatlarda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň yzyna täsir ediş güýji bardyr.

3. Jogapkärçiligi belleýän ýa-da güýçlendirýän, raýatlara täze borçlary ýükleýän ýa-da olaryň ýagdaýyny başga hili ýaramazlaşdyrýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň yzyna täsir ediş güýji ýokdur.

### 44-nji madda. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halk maslahatlarynyň, häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň güýje girmeginiň şerti hökmünde olaryň döwlet belligine alynmagy

1. Ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, halk maslahatlarynyň, häkimleriň kadalaşdyryjy hukuk namalary Türkmenistanyň Adalat ministrliginde döwlet belligine alynmaga degişlidirler. Şeýle bellige almak olaryň güýje girmeginiň zerur şerti bolup durýar.

Kadalaşdyryjy hukuk namalary döwlet belligine alnanda olarda hukuk

kadasynyň barlygy, olaryň döwlet belligine alynmaga degişliligi, kadalaşdyryjy hukuk namasynyň kanunçylyga laýyk gelýänligi seljerilýär.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwlet belligine almagyň esaslary we tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

3. Türkmenistanyň Adalat ministrligi kadalaşdyryjy hukuk namasyny döwlet belligine almakdan şu halatlarda ýüz dönderýär, eger şeýle nama:

1) adamyň we raýatyň kanunda bellenilen hukuklaryny we azatlyklaryny kemsidýän bolsa;

2) ýuridik şahslaryň kanuny bähbitlerini bozýan bolsa;

3) ýokarda durýan derejeli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna garşy gelýän bolsa;

4) kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul eden edaranyň ygtyýarlylygynyň çäginden çykýan bolsa;

5) gyzyklanýan edaralar bilen ylalaşylmadyk bolsa;

6) döwlet belligine alynmaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwlet belligine almagyň, resmileşdirmegiň we ylalaşmagyň düzgünlerini bozmak bilen kabul edilen bolsa.

Döwlet belligine alynmaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryny bellige almakdan ýüz dönderilmegine gyzyklanýan döwlet edarasy tarapyndan kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner.

4. Döwlet belligine alynmaga degişli kadalaşdyryjy hukuk namalary kanunçylykda bellenilen tertipde bellige alynmadyk halatynda, olar kabul eden edara tarapyndan ýatyrylmalydyr.

**45-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hereketiniň möhleti**

1. Eger kadalaşdyryjy hukuk namasynyň özünde ýa-da ony herekete girizmek hakynda namada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, kadalaşdyryjy hukuk namasy möhletsiz hereket edýär.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasy ýa-da onuň bölegi (bölekleri) üçin wagtlaýyn hereket etmek möhleti bellenilip bilner. Şu halatda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýa-da onuň böleginiň (bölekleriniň) hereket edýän möhleti görkezilmelidir. Bu möhlet geçmezinden öň namany kabul eden ygtyýarly edara namanyň hereketini täze möhlete uzaldyp ýa-da oňa möhletsiz häsiýet berip biler.

**46-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hereketiniň togtadylmagy ýa-da bes edilmegi**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýa-da onuň aýry-aýry kadalarynyň hereketi bes edilip, şeýle hem kesgitli möhlete togtadylyp bilner.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň ýa-da onuň aýry-aýry kadalarynyň hereketiniň togtadylmagy görnüşi we ýuridik güýji boýunça edil şeýle kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul etmek arkaly amala aşyrylýar.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasy (onuň bölegi ýa-da bölekleri) şu halatlarda öz hereketini bes edýär:

1) namanyň ýa-da onuň böleginiň (bölekleriniň) hereket etmek üçin bellenilen

möhletiniň geçmegi;

2) namanyň ýa-da onuň böleginiň (bölekleriniň) ýokarda durýan ýa-da deň derejeli täze kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namasyna garşy gelmegi ýa-da ol tarapyndan gurşalyp alynmagy;

3) kabul edilen namanyň Konstitusiýa garşy gelýänliginiň ykrar edilmegi;

4) namany kabul eden ygtyýarly edara, şeýle hem ony ýa-da onuň bölegini (böleklerini) güýjüni ýitiren diýip ykrar etmäge hukugy bolan edara tarapyndan şeýle namanyň ýa-da onuň böleginiň (bölekleriniň) güýjüni ýitiren diýip ykrar edilmegi;

5) namanyň ýa-da onuň böleginiň (bölekleriniň) rejelenen görnüşde kabul edilmegi.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

**47-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň giňişlik boýunça hereketi**

1. Eger kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň özünde ýa-da olary herekete girizmek hakynda namalarda başgaça bellenmedik bolsa, Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ministrler Kabineti, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hereketi Türkmenistanyň ähli çägine degişlidir.

2. Döwlet häkimiýetiniň ýerli wekilçilikli we ýerine ýetiriji edaralary tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalary degişli dolandyryş-çäk birlikleriniň çäginde hereket edýärler.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky we 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

**48-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň şahslar boýunça hereketi**

Kanunçylyk namalarynda we Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hereketi Türkmenistanyň raýatlaryna we ýuridik şahslaryna, şeýle hem Türkmenistanyň çäginde bolýan daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy bolmadyk adamlara, daşary ýurt döwletleriniň ýuridik şahslaryna, olaryň şahamçalaryna we wekilliklerine degişli edilýär.

**49-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kanunylygyny üpjün etmegiň çäreleri**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kanunylygy şu çäreler bilen üpjün edilýär:

1) kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kadalaryny Konstitusiýa we kanunçylyk namalaryna laýyk getirmek;

2) bellenilen tertipde kadalaşdyryjy hukuk namasynyň hereketini togtatmak;

3) kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hukuk monitoringini geçirmek;

4) kadalaşdyryjy hukuk namalary döwlet belligine alnanda olaryň Konstitusiýa we kanunçylyk namalaryna laýyk gelýänligini barlamak.

2. Konstitusiýa, kanunçylyk namalary bilen bellenilen ygtyýarlylygyna laýyklykda kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kanunylygyny üpjün edýän döwletiň

edaralary we wezipeli adamlary şulardyr:

1) Türkmenistanyň Mejlisi;

2) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti – aşakda durýan edaralar tarapyndan kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalary babatda;

3) kazyýetler;

4) Türkmenistanyň Baş prokurory hem-de oňa tabyn prokurorlar;

5) Türkmenistanyň Adalat ministrligi we onuň ýerli edaralary;

6) kanundan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul eden ýa-da olaryň işläp taýýarlaýjylary bolan ygtyýarly edaralar – özleriniň kabul eden ýa-da işläp taýýarlaýjylary bolan kanundan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalary babatda.

3. Türkmenistanyň Adalat ministrliginde bellige alnan kadalaşdyryjy hukuk namasynda şu Kanunyň 44-nji maddasynyň üçünji böleginde göz öňünde tutulan bozulmalary ýüze çykarylanda ol bozulmalary aradan aýyrmagyň zerurlygy barada kadalaşdyryjy hukuk namasyny kabul eden ygtyýarly edara teklip bilen ýüzlenýär.

Ygtyýarly edara tarapyndan şu bölegiň birinji tesiminde görkezilen kadalaşdyryjy hukuk namasyny hereket edýän kanunçylyga laýyk getirmek boýunça çäreler kabul edilmedik halatynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi degişli netijenama çykarýar we şeýle kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döwlet belligine alynmagyny ýatyrmak barada arza bilen kazyýete ýüzlenýär.

4. Döwlet belligine alynmagynyň ýatyrylanlygy barada maglumat resmi çap edilýän çeşmelerde çap edilmäge degişlidir.

Döwlet belligine alynmagy ýatyrylan kadalaşdyryjy hukuk namasy ulanylmaga degişli däldir.

Kadalaşdyryjy hukuk namasynyň döwlet belligine alynmagynyň ýatyrylmagyna ygtyýarly edara tarapyndan kazyýet tertibinde şikaýat edilip bilner.

*(2021-nji ýylyň 18-nji dekabryndaky we 2023-nji ýylyň 16-njy martyndaky Türkmenistanyň Kanunlarynyň redaksiýasynda).*

## IX BAP. HUKUK MONITORINGI

### 50-nji madda. Hukuk monitoringi

1. Hukuk monitoringi kanunçylygyň netijeliligine baha bermek we çaklamak, ony kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak maksady bilen geçirilýär.

2. Ygtyýarly edaralar özleriniň kabul eden ýa-da işläp taýýarlaýjylary bolan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň hukuk monitoringini amala aşyrýarlar we olara üýtgetmeler ýa-da goşmaçalar girizmek ýa-da olary güýjüni ýitiren diýip ykrar etmek boýunça çäreleri öz wagtynda görýärler.

3. Hukuk monitoringiniň geçirilmegine jemgyýetçilik birleşikleri, ylmy guramalar, raýatlar we beýleki şahslar çekilip bilner.

4. Hukuk monitoringini geçirmegiň düzgünleri Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

## X BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMALARYNYŇ

## ULGAMLAŞDYRYLMAGY WE HASABY

### 51-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň ulgamlaşdyrylmagy

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul edýän ygtyýarly edaralar bu namalaryň hasabyny we ulgamlaşdyrylmagyny geçirýärler, özleriniň kabul eden namalaryna öz wagtynda ähli gündelik üýtgetmeleri we goşmaçalary girizip, olaryň gözegçilik nusgalaryny alyp barýarlar.

2. Ygtyýarly edaralar tarapyndan kadalaşdyryjy hukuk namalaryň hasabynyň we ulgamlaşdyrylmagynyň alnyp barylmagynyň tertibi Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan kesgitlenýär.

### 52-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň döwlet hasaby

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryň döwlet hasaby Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň nusgalyk maglumatlar toplumyny alyp barmagy öz içine alýar, ol Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Ygtyýarly edaralar kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň nusgalaryny Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň nusgalyk maglumatlar toplumyna goşmak üçin Türkmenistanyň Adalat ministrligine kagyz we elektron görnüşde iberýärler.

3. Türkmenistanyň Adalat ministrligi hukuk maglumatynyň ýeke-täk ulgamyny döredýär, sorag jogap-habar beriş işinde döwlet edaralaryna we gaýry guramalara kömek edýär.

4. Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryny döwlet tarapyndan hasaba almagyň we ulgamlaşdyrmagyň tertibi Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenýär.

*(2018-nji ýylyň 9-njy iýunyndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

### 53-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň aýanlygy

Döwlet ýa-da kanun arkaly goralýan gaýry syrlary özünde saklaýan kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan başga kabul edilen kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen gyzyklanýan şahslaryň tanyşmaklary üçin olara elýeterliligiň üpjün edilmegine ähli ygtyýarly edaralar borçludyrlar.

# III bölüm. KADALAŞDYRYJY DÄL HUKUK NAMALARY

## XI BAP. KADALAŞDYRYJY DÄL HUKUK NAMALARY HAKYNDA UMUMY DÜZGÜNLER

### 54-nji madda. Kadalaşdyryjy däl hukuk namalarynyň görnüşleri we olara bildirilýän talaplar

1. Kadalaşdyryjy däl hukuk namalaryna şular degişlidirler:

1) kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermegiň namalary;
2) indiwidual ulanylýan hukuk namalary;
3) guramaçylyk-serenjam berijilik häsiýetli hukuk namalary;
4) gündelik meseleleri çözmek üçin kabul edilýän buýruklar we beýleki namalar;
5) döwlet meýilleşdiriş ulgamynyň çygryndaky hukuk namalary.

2. Şu Kanunda kadalaşdyryjy hukuk namasynyň gurluşyna, mazmunyna we ýazgysynyň beýan edilişine bildirilýän talaplar kadalaşdyryjy däl hukuk namalaryna hem degişlidir.

*(2023-nji ýylyň 25-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

**55-nji madda. Kadalaşdyryjy däl hukuk namalaryny kabul etmegiň şertleri**

1. Kadalaşdyryjy däl hukuk namalary kadalaşdyryjy hukuk namalary esasynda ýa-da olary durmuşa geçirmek maksady bilen kabul edilýär.
2. Kadalaşdyryjy däl hukuk namalary şu Kanunda we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalarynda görkezilen ygtyýarly edaralar tarapyndan kabul edilýär.
3. Kadalaşdyryjy däl hukuk namalaryny kabul etmegiň aýratynlyklary kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilip bilner.

**56-njy madda. Kadalaşdyryjy däl hukuk namalaryna şikaýat edilmegi**

Kadalaşdyryjy däl hukuk namalaryna kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde we esaslar boýunça şikaýat edilip bilner.

## XII BAP. KADALAŞDYRYJY HUKUK NAMASYNA DÜŞÜNDIRIŞ BERMEGIŇ NAMASY

**57-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermegiň namalary hakynda umumy düzgünler**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynda düşnüksizlik we dürli düşünmeler, olaryň ulanyş tejribesinde gapma-garşylyklar ýüze çykanda kadalaşdyryjy hukuk namasynda saklanýan kadalara resmi düşündiriş berlip bilner.

Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermegi şol namany kabul eden edara ýa-da wezipeli adam tarapyndan amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň Plenumy kadalaşdyryjy hukuk namalaryny kabul eden edara ýa-da wezipeli adama degişli nama ýa-da onuň aýry-aýry düzgünlerine resmi düşündiriş bermegiň maksada laýyklygy hakynda teklip girizmäge haklydyr.

2. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş berlende takyklaşdyryjy kadalar görnüşinde oňa üýtgetmeler, goşmaçalar girizmäge ýol berilmeýär. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna giňeldilen resmi düşündiriş bermäge diňe onuň ýazgysy bilen manysynyň arasynda açyk tapawut bolanda ýol berilýär.

Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermegiň namalary hukuk kadalaryny bellemeýär we kanunçylykda bolan ýetmezçiligi doldurmaýar.

3. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermek diňe hukuk

kadasyny aýdyňlaşdyrmak, onuň mazmunyny takyklamak maksatlary bilen amala aşyrylýar, ol hukuk kadasynyň manysyny üýtgedip we düşündirilýän kadanyň çäginden çykyp bilmez.

4. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynda saklanýan kadalara resmi düşündiriş bermek ygtyýarly edaralaryň başlangyjy ýa-da fiziki we ýuridik şahslaryň ýüztutmasy boýunça kanunçylykda kesgitlenilen tertipde amala aşyrylýar.

5. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermegiň namalarynda saklanýan kadalar durmuşa geçirilende, şol sanda olar ulanylanda we adyl kazyýetlik amala aşyrylanda hökmany häsiýeti bardyr.

6. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermegiň namasynyň tapawutly aýratynlyklaryny hasaba almak bilen oňa şu Kanunyň 28-nji maddasynyň talaplary degişli edilýär.

7. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş bermegiň namalaryny çap etmek şu Kanunyň kadalaryny berjaý etmek bilen amala aşyrylýar.

*(2025-nji ýylyň 22-nji noýabryndaky Türkmenistanyň Kanunynyň redaksiýasynda).*

**58-nji madda. Kadalaşdyryjy hukuk namasyna resmi düşündiriş berilmeginiň şertleri**

1. Kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kadalary Konstitusiýanyň düzgünlerine doly laýyklykda resmi düşündirilmelidir.

2. Kanundan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalary resmi düşündirilende olaryň manysy kanunçylyk namalaryna doly laýyklykda açylyp görkezilmelidir.

**59-njy madda. Kadalaşdyryjy hukuk namalaryna düşündiriş bermegi amala aşyrýan döwlet edaralary**

Döwlet syýasatyny alyp barýan, kesgitli pudagy dolandyrmagy amala aşyrýan ýa-da degişli meseleleri çözmek ygtyýarlylygyna degişli edilen döwlet edaralary ýa-da gaýry ygtyýarly döwlet edaralary öz ygtyýarlylyklarynyň çäklerinde kadalaşdyryjy hukuk namalaryna düşündiriş berip bilerler. Şeýle düşündirişleriň hökmany ýuridik güýji ýokdur we maslahat beriji häsiýetlidir.

## XIII BAP. INDIWIDUAL ULANYLÝAN HUKUK NAMALARY

**60-njy madda. Indiwidual ulanylýan hukuk namalary hakynda umumy düzgünler**

Indiwidual ulanylýan hukuk namasy bellenilen görnüşli ýazmaça resmi resminamadyr we ol:

1) bir gezek ýa-da wagt boýunça gaýry çäklendirilen ulanylmaga niýetlenendir;

2) indiwidual kesgitlenilen şahslara (ýuridik we fiziki şahslar) degişlidir;

3) indiwidual kesgitlenilen şahslaryň kanunçylykda bellenilen hukuklaryny we borçlaryny durmuşa geçirýär.

**61-nji madda. Indiwidual ulanylýan hukuk namalaryna we olaryň resmileşdirilmegine talaplar**

1. Indiwidual ulanylýan hukuk namasy şu talaplara laýyk gelmelidir:

1) Konstitusiýa, kanunçylyga we ýokarda durýan döwlet edaralarynyň hukuk namalaryna garşy gelmeli däldir;

2) gurluşy düzgünleşdirýän jemgyýetçilik gatnaşyklaryny anyk açyp görkezmegi üpjün etmelidir, mazmuny bolsa birmeňzeş düşünilmegini we ulanylmagyny üpjün etmelidir, bellenilen çäreleriň mazmunyny anyk beýan etmelidir, hereketi degişli edilýän ýa-da bellenilen möhletlerde durmuşa geçirilmegi üçin jogapkärçilik çekýän şahslar kesgitlenmelidir.

2. Konstitusiýa we kanunçylyga garşy gelýän indiwidual ulanylýan hukuk namalary kabul edilen pursadyndan hakyky däldirler we Türkmenistanyň çäginde ulanylmaýar.

3. Dürli derejeli döwlet edaralary tarapyndan kabul edilen indiwidual ulanylýan hukuk namalarda garşylyk bolanda, eger şeýle hukuk namasynyň kabul edilmegi ýokarda durýan döwlet edarasynyň ygtyýarlylygyna giren bolsa, onuň hukuk namasy ulanylýar.

4. Bir hukuk namasynyň beýlekisinden ileri tutulmagy barada çözgüt gyzyklanýan şahsyň arzasy boýunça ýokarda durýan döwlet edarasy ýa-da kazyýet tarapyndan kabul edilýär.

5. Indiwidual ulanylýan hukuk namasy şu maddanyň birinji böleginde göz öňünde tutulan talaplardan başga-da, aşakdaky rekwizitleri özünde saklamalydyr:

1) ady (garaýan närsesini aňladýan ady);

2) kabul edilen ýeri we senesi;

3) gol çekmäge ygtyýarly şahsyň (şahslaryň) wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady we goly.

6. Indiwidual ulanylýan hukuk namalaryny kabul etmegiň, olary resmileşdirmegi, ýerine ýetirmegi we ýerine ýetirilişine gözegçilik etmegi guramagyň tertibi şu Kanun we gaýry kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen kesgitlenýär.

**62-nji madda. Indiwidual ulanylýan hukuk namasynyň güýje girmegi we hereketini bes etmegi**

1. Eger indiwidual ulanylýan hukuk namasynda onuň güýje girmeginiň has giçki möhleti kesgitlenilmedik bolsa, ol kabul edilen pursadyndan güýje girýär.

2. Indiwidual ulanylýan hukuk namasy onuň talaplary ýa-da onda saklanýan tabşyryklar bu namada salgylanylan şahslar tarapyndan ýerine ýetirilen pursadyndan hereketini bes edýär.

3. Indiwidual ulanylýan hukuk namasy hereketini bes edýänçä ol ony kabul eden ygtyýarly edara, onuň ýokarda durýan döwlet edarasy ýa-da kazyýet tarapyndan togtadylyp, üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilner.

4. Indiwidual ulanylýan hukuk namasynyň hereketini ýatyrmak, üýtgetmek ýa-da togtatmak barada gyzyklanýan şahslaryň ýokarda durýan döwlet edarasyna ýa-da

kazyýete arza bermegi degişli çözgüt kabul edilýänçä hukuk namasynyň hereketini togtadýar.

## XIV BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

### 63-nji madda. Şu Kanuny herekete girizmegiň tertibi

1. Şu Kanun 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan herekete girizilýär.

2. Şu Kanun herekete girizilen gününden şulary güýjüni ýitiren diýip ykrar etmeli:

1) 1991-nji ýylyň 29-njy maýynda kabul edilen «Türkmenistan SSR kanunlaryny, Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň we onuň organlarynyň beýleki aktlaryny, Türkmenistan SSR-niň Prezidenitiniň Türkmenistan SSR-niň kanunlaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek baradaky permanlaryny çap etmegiň hem-de güýje girizmegiň tertibi hakynda» Türkmenistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1991 ý., № 9-10, 99-njy madda);

2) 1996-njy ýylyň 18-nji iýunynda kabul edilen «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1996 ý., № 1-2, 1-nji madda);

3) 2000-nji ýylyň 15-nji iýunynda kabul edilen «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň III bölegini (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2000 ý., № 2, 17-nji madda);

4) 2005-nji ýylyň 7-nji dekabrynda kabul edilen «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (rejelenen görnüşi) (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2005 ý., № 4, 30-njy madda);

5) 2007-nji ýylyň 3-nji iýulynda kabul edilen «Türkmenistanyň käbir kanunçylyk namalaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2007 ý., № 3, 54-nji madda);

6) 2012-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda kabul edilen «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2012 ý., № 1, 14-nji madda);

7) 2015-nji ýylyň 28-nji fewralynda kabul edilen «Kadalaşdyryjy hukuk namalar hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetme girizmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2015 ý., № 1, 26-njy madda).

**Türkmenistanyň Prezidenti** **Gurbanguly Berdimuhamedow**

Aşgabat şäheri.

2017-nji ýylyň 26-njy awgusty.
№ 589-V.